# Häzir bolmasa, HAÇAN?!

Nurdan Özkan



## Giriş

Siziň bilen bilelikde ýörite bir syýahata çykalyň. Bu syýahatymyzda üstünlik gazanan adamlaryň syrlaryny hem-de üstünlige barýan ýollardaky päsgelçilikleri nädip ýeňip geçmelidigi barada öwreneris.

Durmuşyňyzda işleriňiziň şowsuz bolmagy mümkin. Belki-de, üstünlik bilen araňyzda päsgelçiliklerden örülen, ýeňip geçmesi kyn ýaly görünýän bir diwar bolmagy mümkin. Bu syýahatymyzda siz bilen bilelikde ol päsgelçilikleri ýeňip geçmek üçin ajaýyp bir ýol kartasyny edineris. Ýöne men siziň bu kitapdaky ýazylanlar bilen çäklenmegiňizi islämok. Siz hem öz hekaýalaryňyzy ýazmaly, oturmagyň we synlamagyň ýerine hereket etmelisiňiz. Arzuwlaryňyzy amala aşyrmagyň wagty gelmedimi?!

Onda nämä garaşýarsyňyz? Üstünlik bilen siziň araňyzda duran ullakan päsgelçilik gorkularyňyz hem-de garaýyşlaryňyzdyr. Gorkularyňyzyň garşysyna ýöräniňizde, olaryň hem sizden gorkýandygyna göz ýetirersiňiz. «Başaramok», «edip bilemok» ýaly manysyz ýazgylary durmuşyňyzdan aýyrmagyň wagty gelmedimi?!

Eger jogabyňyz «hawa» bolsa, onda geliň syýahatymyza başlalyň...

## Birinji bölüm

***«Her kim siziň duş gelýän tupanlaryňyz bilen däl-de, gämini kenara getirip-getirmändigiňiz bilen gyzyklanýar.»***

Käte geçmişimi küýseýän, bu bolsa şu günki günüme gaty agyr degýär. Geçmişde ýaşamagyň manysy ýok, bilýärin. Sebäbi onuň ady «geçmiş». Bu gün hem geçer we «bu gün» diýen günümize sähel wagtdan «geçmiş» diýeris. Bu hakykaty özüme ýatlatmak şu günümiň has owadan we manyly bolmagyna sebäp bolýar. Geçmişdäki ýalňyşlyklarymy şol güne dolanyp düzedip bilmerin, bu mümkinem däl. Olary ökünip, aglap hem unudyp bilmerin. Men geçmişimi diňe şu günüm bilen düzedip bilerin. Durmuşda her bir zadyň başlangyjy birem ahyry bardyr, diýmek, tamamlanan ähli zatlar ahyr däl-de, diňe netijedir! Hiç bir zat gutaranok, diňe öz çäginde tamamlanýar. Güýjümiziň ýeten ýerine çenli. Galany Ýaradanyň takdyrydyr.

Wagt hem gaty çalt geçýär. Suwuň akymyny durzup, ýeliň ugruny üýtgedip bilersiň. Bu saňa bagly... Ýöne asla wagty saklap bilmersiň. Wagt geçer gider, biz diňe seredip galarys...

Geçip giden ýyllaryňa gaharlanma! Yzyňda galdyranlaryňy ýylgyr-da, geçmişiňe gowşur. Bir gün yzyňa öwrülip sereden wagtyň ökünç hem-de şowsuzlyklaryň deregine ýüzüňde ýylgyryş bolsun. Iň möhümi hem, başaryp bilmejek işleriň başaryp biljekleriňe böwet bolmagyna ýol berme. Şemalyň ugruny üýtgedip bilmeseň, ýelkenleriňi şemala görä sazla. Sebäbi hiç kim siziň duş gelýän tupanlaryňyz bilen däl-de, gämini kenara getirip-getirmändigiňiz bilen gyzyklanýar. Bu tutanýerlilik senden soňkulara galan uly miras bolsun. Munuň üçin iň umytsyz pursatlaryňda hem parahatlygyňy sakla. Gahar bilen gelnen kararyň dogry bolmajagyny özüňe ýatlat.

Eger başarsaň, rahatlygyňy sabyrlylyga öwür. Netijäniň nähili boljakdygy möhüm däl, ýöne sen ýeňersiň, muňa ynan. Şeýle wagtlarda gaşlaryňy çytmazlyga üns ber. Sebäbi soňky ýyllarda aýna seredeniňde görýän ýygyrtlaryň hem öz eden işiň bolar. Elbetde, durmuş hiç kime-de arzuw edýän zatlaryny altyn tabakda hödürlemeýär. Okan bir kitabymdaky ýazgylary size ýetirýärin:

**«Durmuş siziň erkin tarapyňyzdyr. Bu dünýäde galdyrmak isleýän yzlaryňyz, etmek isleýän zadyňyz, ýeňip geçmek isleýän päsgelçilikleriňiz, goýmak isleýän rekordlaryňyz, görmek isleýän ýerleriňiz, öwrenmek we öwretmek isleýän zatlaryňyz... gysgaça, siziň isleýän hemme zadyňyz... arzuwlaryňyzy pida etmek bilen, bularyň ählisini-de pida edersiňiz.**

**Soňra hem «Eger maňa mümkinçilik berlen bolsa ederdim!» diýersiňiz. Alyň, size şol mümkinçiligi men berýärin. Hatda birnäçe gezek «mümkinçilik, mümkinçilik, mümkinçilik...». Ynha, öňüňizde mümkinçilik! Nämä garaşýardyňyz? Nähili mümkinçilik berilmegini isleýärdiňiz? O mümkinçiligi size kim berer? Hiç kim!**

**Hatda size bu mümkinçiligi berenim üçin begenmelisiňiz. Sebäbi size o mümkinçiligi hiç kim bermez».**

**Mustafa Çaý «Bagtsyz bolmak hatadyr».**

Hakykatdan hem dogry. Bize isleýän zatlarymyzy hiç kim bermez. Biz özümiz üçin dörän mümkinçilikleri görmegi başarmaly we ony netijeli peýdalanmalydyrys. Bu barada bir mysal getirmek isleýärin.

**Uly bir aýakgap kärhanasy söwdany ýola goýmak üçin amatly ýer tapmak maksady bilen bir işgärini Afrika iberýär. Işini tamamlap öz ýurduna gaýdyp gelen adam: «Afrikada hiç kim aýakgap geýenok eken. Ol ýerde dükan açmak nädogry bolar» diýýär. Şeýlelikde, ol ýerde dükan açmak pikiri goýbolsun edilýär. Edil şonuň ýaly başga bir aýakgap kärhanasy hem şol maksat bilen öz işgärini Afrika iberýär. Bu adam hem işini tamamlap, gaýdyp gelende ol ýerde gören zatlaryny uly tolgunma bilen gürrüň berýär: «Biz Afrikada gaty köp pul gazanyp bileris. Ol ýerdäki adamlaryň hiç birinde aýakgap ýok. Olaryň ählisine aýakgap satyp bileris». Şeýlelikde, kärhana ummasyz**

**pul gazanýar. Elbetde, şeýle ajaýyp mümkinçilikden netijeli peýdalanmagy başaran adam hem öz sylagyny alýar.**

Biziň üçin döreýän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp bilmek, öňde-soňda bizi üstünliklere alyp barýar. Käwagt ähli zatlar siziň garşyňyza bolýan ýaly görünmegi mümkin. Mysal üçin, Tomas Edison iň kyn pursadynda hem şowsuzlyga boýun bolmandyr. 1914-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Edisonyň kärhanasynda uly ýangyn döreýär. Ömürboýy çeken zähmeti we gazananlary birki sagadyň dowamynda ýanyp kül bolýar. Gyşyň sowuk gijesinde ýangyny söndürmäge girişen adamlara syn edip duran Edison bu ýagdaýa haýran galýar. Ertesi ir bilen kärhananyň içine aýlanyp ýören Edison bu betbagtçylygy şeýle sözler bilen beýan edýär: «Bir betbagtçylygyň hem uly ähmiýeti bardyr. Bu ýangyn bilen birlikde ähli ýalňyşlyklarymyz hem ýanyp kül boldy. Indi ähli zady täzeden başlap bileris». Ýangyndan üç hepde soň Edison ilkinji grammofony oýlap tapýar. Bu üstünlikde uly betbagtçylyga garamazdan, ynamyny we erjelligini ýitirmän dowam etmeginiň paýy gaty uludy. Durmuşyň bize näme taýýarlandygyny öňünden bilmek mümkin däl. Islendik ýagdaýa taýyn bolmalydyrys. Ähli zadymyzy birbada ýitirip bileris ýa-da tersine-de bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda sussupeslige düşenimizi duýan badymyza, özümizi ele almaly we ähli zada has-da yhlasly çemeleşmelidiris.

Her hili kynçylyga garamazdan, üstünlige ýetmegi

başaran adamlaryň biri hem, meşhur fizik Stiwen Hawkingdir. Stiwen Hawking 1942-nji ýylda dogulýar. Ol Oksford uniwersitetiniň fizika bölümini üstünlikli tamamlaýar. Ömrüniň iň kyn günleri ALS keseline uçramagy bilen başlanýar. Gürlemekde we ýuwdunmakda kynçylyk çekýän Hawkingiň soňabaka elleri hem ysman başlapdy. Hatda lukmanlaram onuň iki ýyl ömrüniň galandygyny aýdýardylar. Sussupeslige düşen Hawking nusgawy sazlary diňläp, ylmy eserleri okamaga başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen hossarlarynyň hem-de mugallymynyň irginsiz aladasydyr söýgüsi netijesinde täzeden durmuşa bolan höwesi oýanýar. Emma galan ömrüni gürläp bilmän, maýyplaryň oturgyjynda geçirmäge mejbur bolýar. Adamlar bilen diňe kompýuter arkaly habarlaşyp bilýärdi. Saglyk ýagdaýynyň ýaramazdygyna garamazdan, bir gyza aşyk bolup, onuň bilen toý edýär. Ýanýoldaşynyň kömegi bilen magistr derejesini, soňra bolsa doktorlyk derejesini alyp, professor bolýar. 1978-nji ýylda fizika ugry boýunça iň uly baýrak bolan Albert Eýnşteýn baýragyny alýar. Soňra hem birnäçe abraýly baýraklara mynasyp bolýar. Ajaýyp pikirleriň we ençeme baýraklaryň eýesi kynçylyk çekip üstünlige ýeten adamlaryň diňe biridi.

***«Başlamankak ýeňilmek islemeýän bolsak, şowsuzlyk biziň üçin umytsyzlyk çeşmesi däl-de, täze bir başlangyç bolmalydyr.»***

Hakykatdanam, bir zatlary başarmak üçin hiç wagt giç däl. Ählisini täzeden başlamaly, durmuşymyzda täze bir sahypa açmaly we ýitiren gaýduwsyzlygymyzy täzeden dikeltmelidiris. Gýotäniň aýdyşy ýaly: «Malyny ýitiren bir zadyny ýitirer, hormatyny ýitiren köp zadyny ýitirer, batyrlygyny ýitiren bolsa hemme zadyny ýitirer». Gýote 82 ýaşynda aradan çykýar. «Faust» atly eseri onuň ýazan iň uly eseridir. Başga-da birnäçe mysal getirmek isleýärin. Çarli Çaplin 76 ýaşynda hem ajaýyp kinolaryň režissýorydy. Dünýä belli opera kompozitory Werdi meşhur eseri bolan «Otellony» 74 ýaşynda ýazýar. Ýene-de şular ýaly ençeme mysallary gözlegler esasynda okap bilersiňiz.

Men bir sözde özümi tapdym, bir söz bilenem durmuşa täzeden başladym. Şeýle pursatlar her adam üçin dürli ýerlerde saklanýar. Belki, bir aýdymyň sözlerinde, belki-de, okan kitabyňyzyň bir sahypasynda ýa-da bir goşgy setirleriniň arasynda. Belki-de, taryhy çeşmelerden şu güne çenli saklanyp galan birje sözdedir. Ýa-da sizde täsir galdyran filmiň bir böleginde. Ýöne bir ýerlerde hökman bolaýmaly, ol özüni taparyňa garaşýar. Sen nämä garaşýaň? Bir gudratyň bolarynamy?

**Adam:**

**– Taňrym, meniň bilen gürleş – diýip pyşyrdady.**

**Şol wagt agaçda bir guş saýrady, ýöne adam eşitmedi.**

**Soňra adam çasly ses bilen:**

**– Taňrym, meniň bilen gürleş! – diýip gygyrdy.**

**Asmanda ýyldyrym çakdy, ýöne adam oňa hem gulak asmady.**

**Adam töweregine göz aýlady:**

**– Taňrym, seni görmäge rugsat et!**

**Asmanda bir ýyldyz şöhle saçdy, adam muny görmedi.**

**Adam ýene çasly ses bilen:**

**– Taňrym, maňa bir gudrat görkez! – diýip, asmana elini serdi.**

**Bir ýerde bir çaga dünýä indi, adam mundan hem habarsyz galdy.**

**Soňra adam umytdan düşüp aglady:**

**– Taňrym, seniň şu ýerdedigiňi maňa habar ber.**

**Bir kebelek gelip, adamyň egnine gondy.**

**Adam ony eliniň arkasy bilen kowdy-da, ýoluny dowam etdi.**

Durmuşymyzda ýüzlerçe gudrat bolup geçýär, emma, gynansak-da, biz olaryň käbirini görüp bilýäris. Sebäbi durmuşyň akymyna düşüp, ençeme zatlaryň deňinden geçýäris. Sussupeslige düşüp, birneme wagt geçeninden soň, ähli zatdan ýüz öwürýäris. Men bularyň ählisini başdan geçirdim. Hemme zadyň gutarandygyny, hiç bir zadyň öňküsi ýaly bolmajakdygyny, hatda gudratlar diýen zadyň asla ýokdugy barada pikir eden günlerim hem boldy. Boýun egdim, ýeňildim. Ähli zady täzeden başlamaga güýjümiň ýetmedik günleri boldy. Ýaşamagyň manysyzdygyny pikir eden günlerim... Durmuşyň ähli

agyr ýüki meniň gerdenime ýüklenen ýalydy. Daş-töweregimdäki adamlaryň ählisi bir bolup, meniň şowsuzlyga uçramagym üçin ellerinden gelenini gaýgyrmaýandyklaryny pikir eden günlerim...

Şeýlebir agyr günleri başdan geçirdim welin, durmuşymyň şol pursatlaryny hakydamdan söküp aýyrmak isledim. Ähli şowsuzlyklarymdan saplanyp, aýaga galanymda bolsa, içimdäki käbir duýgularymy ýitirendigime göz ýetirdim. Hawa, hiç bir kynçylyk seni öldürenok, emma ýüregiňden köp zatlary alyp gidýär. Elmydama başgalaryň pikirlerini göz öňünde tutup, öz duýgularymy gizledim.

Turuwbaşdan şowsuzlygy kabul edip, ýerine ýetirip bilmedik birnäçe işlerim, amala aşyryp bilmedik ençeme arzuwlarym bardy.

Özgelere goldaw berip, özümi ünsden düşürdim, olaryň bagtly bolmagy üçin köp zatlary pida etdim. Men bu kynçylyklaryň ähli bilen göreşýärkäm, elimden gideren wagtymy maňa kim gaýtaryp berer? Elbetde, hiç kim!

Aslynda, durmuşymyzda bolup geçýän zatlaryň ähilsiniň jogapkäri hem-de awtory biziň özümiz we bularyň hemmesini biz öz pikirlerimiz bilen döredýäris. Pikirlerimiziň syýahatymyz boýunça bize güýç berýän bir şemaldygyna ynansak, onda biz ol şemaldan netijeli peýdalanyp, gitmek isleýän ýerimize gysga wagtyň dowamynda ýetip bileris. Eger-de biz ol şemala boýun egsek, onda haýsy tarapa barýandygymyzy hem bilmän, şemalyň ugry bilen

durmuşyň akymyna düşeris we çuň bir boşlugyň daşynda aýlanar durarys. Pikirlerimiz bilen erbetligi hem özümize çekip bileris, gowulygy hem. Elbetde, hiç kimem durmuşynda erbetligiň bolmagyny islemeýär. Emma islemesegem, kähalatlarda bu ýalňyşlygy goýberýän pursatlarymyz hem bolýar.

Biraz aýak çekip pikirleneliň. «Durmuşymda ähli zatlar tersine bolýar. Edýän işlerimiň hiç biri başa barmaýar» diýýän, eýsem, biziň özümiz dälmi?! Hawa, biz elmydama şeýle edýäris. Şowsuzlyklar barada pikirlenip, olaryň durmuşymyza ornaşmagyna ýol berýäris. Bularyň ählisine «dur!» diýmegiň wagty geldi. Şowsuzlyklary şowlulyga, erbetlikleri gowulyga öwürmek üçin kiçijik şatlyklary, ýakymly pursatlary, iň möhümi hem, oňaýly duýgy we pikirleri durmuşymyza ornaşdyrmalydyrys. Wagtyň geçmegi bilen bu kiçijik zatlaryň ählisi ullakan bir bagta öwrülýär. Soňra bolsa aňymyzda şeýle sözler peýda bolýar: «Hemme zat nähili owadan. Durmuşymda elmydama gowy zatlar bolýar».

Biz hemişe gowy zatlar barada pikirlensek, onda durmuşymyzda hem elmydama oňyn netijeleri gazanmagy dowam ederis. Pikirlerimize erk etmek biziň öz elimizde. Öz durmuşymdan mysal getirmek isleýärin.

Kähalatlarda ýaramaz duýgular barada pikirlenýän wagtlaryma gabat gelýärin. Şeýle ýagdaýlarda haýal etmän aňymdaky ähli ýaramaz pikirlere we şowsuzlyklara ýüzlenip, şeýle diýýärin: «Men sizi bu

ýere çagyrmadym. Haýal etmän aňymdan gidiň». Soňra bolsa gözlerimi ýumup, nähilidir bir ýakymly pursadymy ýatlaýaryn we şol ýakymly günlerime gaýtadan syýahat edýärin.

Siz hem şeýle ediň. Öz pikirleriňize buýruk beriň. Ynanyň, olar sizi diňlärler. Sebäbi olaryň ýolbaşçysy biz.

Bu aýdýanlarymyzyň ählisi hakyky durmuşda-da şeýle dälmi eýsem? Bir fabrikany göz öňüne getiriň: bu fabrikada müňlerçe adam işleýär. Edil aňymyzda yzygiderli işleýän pikirler ýaly. Fabrikanyň ýolbaşçysy bolsa jogapkärçiliksiz we nadan adam. Ol fabrika, siziň pikiriňizçe, näçe wagtlap iş ýöredip biler? Belki, gysga wagtlap, emma işler şeýle dowam eden ýagdaýynda, ol fabrika bir gün hökman çöker.

Eýsem, biz durmuşymyzda şowsuzlyga uçramazlyk üçin näme etmeli? Edýän işlerimize jogapkärçilikli çemeleşmeli we aňymyzdaky ýaramaz pikirlerden saplanmalydyrys. Sebäbi bularyň ählisiniň biziň üçin peýdaly bolmajagy äşgär. Bir almanyň içindäki gurçuk ol ýerde galdygyça hem şol alma, hem-de beýleki almalara zyýan ýetirýär. Edil şonuň ýaly biziň ýaramaz pikirlerimizem bize hem-de töweregimizdäki adamlaryň ählisine ýaramaz täsir edýär. Şonuň üçin hem gurçukly pikirleriň biziň aňymyza zyýan ýetirmegine ýol bermäliň. Geliň onda, ýaramaz pikirlerden ünsümizi sowalyň we özümize täze güýmenjeler edineliň. Has köp kitap okalyň, aýdym diňläliň we gezelenç edeliň. Bize rahatlyk berjek zatlar

bilen meşgullanalyň.

Durmuşa gaty çynlakaý garamaň. Eger-de çynlakaý çemeleşseňiz, onda sizde çynlakaý meseleler ýüze çykar. Wagtyň geçmegi bilen hem bu meseleler has-da artar. Birwagtlar çeken kynçylyklarymyza häzirki wagtda nähili ýylgyryp bilýän bolsak, bu günki çözmesi kyn meselelerimize-de ertirki gün ýylgyryp biljekdigimizi ýatdan çykarmalyň. Kähalatlarda bir adamy bütin durkuňyz bilen söýüp, ýüregiňizi oňa ynanarsyňyz. Ýanyňyzda bolmadyk mahaly dem alyp bilmeýän ýaly bolarsyňyz. Soňra birdenkä ol adam durmuşyňyzdan gider we ýaşaýyş onsuz dowam eder. Onsuz dem alyp bilmejegiňiz hakyndaky duýgularyňyzyň ýerine «men onda näme tapdym?» diýen sorag duýgulary emele geler. Duýgular üýtgäp biler. Wagt iň gowy lukmandyr we ol sizi nähili bejermelidigini gowy bilýär.

Iýýän naharlarymyzda hem edil şonuň ýaly. Bir gün bütin ömrümize dadyp görmedik tagamlarymyzyň hyrydary bolup bileris. Eýsem, bu aýdýanlarym nädogrumy? Käbir pikirleri aňymyza şeýlebir ornaşdyrýarys welin, ol pikirler wagtyň geçmegi bilen şol ýerde güýçlenýär we bu pikirleriň nädogry bolmagy bize has köp zyýan ýetirýär.

Muňa mysal hökmünde, rowaýata görä bolan wakadygy aýdylýan bir hekaýany size ýetirmek isleýärin: *Nýu-Ýorkda ýaşaýan bir zenan ýaş wagtynda gutulgysyz derde uçrapdyr. Onuň owadan ýüzi gün-günden saralyp solupdyr. Bu zenanyň ähli derdini*

*paýlaşýan bir suratkeş dosty bar eken. Zenan bu suratkeşden başga hiç kim bilen gürleşmeýär, hatda daşaryk hem çykmaýar eken. Bir gün ol zenan penjiräniň ýanyna baryp, ol ýerdäki saralan ýapraklaryny günsaýyn dökýän agajy görkezip, şeýle diýipdir: «Bu agajyň iň soňky ýapragynyň ýere düşen güni men hem bu dünýäden öterin». Şondan soň ol zenan her gün ir bilen penjiresiniň öňüne baryp, agaçdaky galan ýapraklary sanamaga başlapdyr. Suratkeş dostuna bahar paslynyň gelmegi bilen agajyň täzeden janlanyp, ýene-de gök öwüsjekdigini düşündirmäge synanyşsa-da, zenan bu güýzüň onuň ömründäki iň soňky güýz boljakdygyny aýdar eken. Gün geçdigiçe has-da güýçli öwsüp başlan şemal güýz paslynda saralyp ysgyndan gaçan ýapraklary birin-birin şahadan goparýar eken. Suratkeş dostunyň öz durmuşyny sary güýz ýapraklaryna meňzetmesine we ýuwaş-ýuwaşdan ölüme golaýlaşmasyna gaty gynanýar eken.*

*Güýzüň ahyrky günleri golaýlanda howa hasam sowap, agaçlaryň şahalaryndaky iň soňkuja ýapraklar hem dökülmäge başlapdyr. Bir gün ir bilen penjiräniň öňündäki agaçda ýekeje ýapragyň galandygyny gören zenan: «Bu ýapragyň gaçan güni men hem bu dünýäden giderin» diýip gaýtalapdyr. Suratkeş güýz ýapraklary bilen birlikde saralyp, gün-günden ysgyndan gaçýan dosty üçin bir zatlar etmeli diýen netijä gelýär. Dostunyň penjiresiniň öňüni perde bilen ýapyp, onuň ýüzüne şol agajyň suratyny çekipdir. Şol*

*gije agajyň iň soňky ýapragynyň gaçandygyna garamazdan, aýnasynda görünýän agajyň şahasyndaky ýaprak henizem duranmyş.*

*Ertesi ir bilen zenan penjiräniň öňüne gelip seredeninde, şahadaky ýapragyň gaçmandygyny görüp geň galypdyr. Soňra hem: «Ertire çenli hökman gaçar we men hem onuň bilen birlikde bu dünýeden giderin» diýip pikirlenipdir. Emma ertesi gün hem ol ýapragyň gaçmandygyny görüpdir. Suratkeş bolsa çeken suratyna her gün täze bir ýaprak çekipdir. Şeýdip suratkeş güýzüň sowuk gijelerine garamazdan, agaçdaky ýapraklaryň ählisini çekip gutarýança dowam edipdir. Zenan gün-günden janlanyp täzeden gök öwsüp başlan agajy geň galyjylyk bilen synlaýar eken. Günleriň birinde täsin bir gudrat bolup, zenanyň ýüreginde ýaşaýşa bolan höwes döräpdir. Haýran galaýmaly suratkeşiň çeken her ýapragy durmuşdan umydyny üzen zenanyň ýüregindäki güýz ýapragy deý saralyp-solan umytlaryny ýaňadandan janlandyrypdyr.*

Özümizi bolup geçýän wakalara şeýlebir ynandyrýarys welin, bütin durkumyz bilen olara boýun egýäris. Durmuşymyzy we duýgularymyzy şolara gönükdirýäris. Mysal üçin, ir bilen oýanamyzda daşarda howa bulutlaşyk bolsa, «Bu gün gowy gün däl. Howa gaty bulutlaşyk» diýip, aňymyzda ýaramaz pikirleri döredýäris. Şol gün haýsydyr bir işiň başyna barmak ýa-da bir ýerlerik gitmek islemeýäris. Tötänleýin bir ýere gitmeli bolaýsak, egnimize gabat

gelen eşigimizi geýip, aýna hem seretmek zerur däl diýip pikir edýäris. Munuň bilen hem çäklenmän, «Ýagdaýlaryňyz nähili?» diýip soranlarynda, «Nähili bolaýyn? Gowy däl, howadan bolaýmasa» diýip, ýagdaýlaryň has hem ýaramaz bolmagyna ýol berýäris.

Kähalatlarda howanyň şeýle bolan ýagdaýynda mende hem şular ýaly duýgular peýda bolýar. Şonda aňymda dörän ýaramaz duýgulary haýal etmän özümden daşlaşdyrýaryn. Soňra hem öz-özüme «Keýpimiň howa bilen näme baglanyşygy bar?» diýýärin. Aslynda, ýazykly mendim. Daşary çykyp, birsalym töweregime göz aýladym. Gündizligine garamazdan, howa birneme garaňkydy. Garaňky bu meniň gözlerimiň gören zadydy. Gözlerimiň görmedik zatlary näme? Eger-de gören zatlarymyň keýpime ýaramaz täsir etmegine ýol beren bolsadym, onda bütin gün şol bir zatlary gaýtalar ýörerdim.

Şuňa meňzeş mysallary siz hem döredip bilersiňiz. Eger durmuşyň şertleri size gabat gelmeýän bolsa, onda siz olary öz peýdaňyza öwrüp bilersiňiz. Sebäbi durmuşdaky hiç bir zat sizi bagtly etmek üçin ýaradylmandyr. Ýaramaz ýagdaýlary ýakymly pursatlara öwrüp bilseňiz, onda durmuşda oňyn netijeleri gazanarsyňyz. Şuny hem ýatdan çykarmaň! Isleýän zatlarymyzyň hiç biri dessine amala aşmaýar. Käbir meseleleri wagta ynansak gowy bolar. Ýöne sabrymyzy, tutanýerliligimizi we ynamymyzy hiç wagt ýitirmeli däldiris.

Meniň hem ynamymy ýitiren wagtlarym bolupdy. Her gün şol bir zatlar gaýtalanýan ýalydy. Hiç bir işe elim barman, özümi ejiz we güýçsüz duýýardym. Başgalarynyň goldawyna mätäçdim. Şeýle günleriň birinde internetde tötänleýin bir wideo duş geldim. Bütin ömrümiň bir söz bilen dessine üýtgäp biljekdigini göz öňüne hem getirip bilemokdym.

Hut şeýle hem boldy. Bu wideo mugallymym Mustafa Çaýyňkydy. Onuň aýdanlaryny ilkinji gezek diňlänimde örän geň galypdym. Onda «Bir garynja eger islese bir pili aňsatlyk bilen iýip biler» diýýärdi. Ilkibada bu aýdanlaryny gülkünç hasapladym. Soňra bu sözlem hakynda pikirlenmäge başladym. Bu, hakykatdanam, dogry bolup bilermi? Eýsem, bir garynja bir pili iýip bilermi?

Özümi garynja ýaly görýärkäm, gözüme ullakan bir pil ýaly görünýän durmuşy iýip bilerinmi?

Diňlemegi dowam etdigimçe, nädogry we ýaramaz pikirlerimden saplanyp başladym. Hawa, onuň aýdýanlary dogrudy. Belki, birneme wagt hem-de köpräk güýç gerek bolardy. Emma soňunda garynja pili iýip bilerdi.

Her birimizi hereket etmäge ruhlandyrjak bir alamat ýa-da yşarat hökman bardyr. Wideodaky diňlänlerim bolsa meni hereket etmäge ruhlandyran alamatdy. Bu sözlerden alan güýjüm bilen geçmişimi unudyp, täze bir durmuşa başladym.

Başarmak isleýän zatlarymyza böwet bolmaga kimiň güýji ýeter? Hiç kimiň. Eger bir zady ýürekden

başarmak isleýän bolsak, onda bu zatlaryň päsgelçilikler bilen bir baglanyşygy ýok. Bu ýerde birini günäkärlemek üçin bir sebäp hem ýok. Jogapkärçilikli bolmaly diňe bir adam bar, ol hem biziň özümiz! Arzuw eden zadyňyza ýetmek üçin nämeleri pida edip bilersiňiz? Arzuwlarymyza ýetmek üçin näçe gijäni ukusyz geçirip bileris? Ýeňip geçmesi kyn ýaly görünýän päsgelçilikleri ýeňmek üçin näçeräk ýol geçeris?

Bizi howatyrlandyrýan ýeke-täk zat arzuwlarymyz bilen aramyzda duran şol näbelli wagtdyr. Şol sebäpli hem köplenç biz bu arzuwlarymyzdan aňsatlyk bilen ýüz öwürýäris. Ýa-da durmuşyň akymyna düşüp, ertirki günlerimiziň manysyz we ýaramaz bolmagyna ýol berýäris.

Bu ýaramaz pikirleriň we zatlaryň ählisini döredýän ýeke-täk duşmanymyz bar, olam: Näme isleýändigiňi bilmezlik... Eger durmuşda bize haýsy keşbi janlandyrmalydygymyz aýdylan bolsa we biz muny hiç hili nägilelik bildirmän kabul etsek, onda şol pursat biz ähli arzuwlarymyzy öz elimiz bilen pida etdigimiz bolar. Şonda biz kime öwrülýäris? Elbetde, başgalarynyň arzuwlaryny amala aşyrmak üçin öz arzuwlaryny pida edýän adamlara...

Ejem çagalary üçin köp zatlary pida edendigini aýdýardy. Munuň üçin oňa köplenç gatyrganardym. Sebäbi onuň hem arzuwlary bardy. Arzuwlaryny elmydama soňa süýşürerdi. Olaryň hasyl boljak günlerine garaşardy, emma ol günler asla gelmezdi.

Durmuş geçip gidýärdi we ejem bolsa oňa seredip durýardy. Edil beýleki millionlarça adamlar ýaly...

Käbir adamlar bolsa özleriniň tankyt edilmeginden çekinip, arzuwlaryny pida edýärler. Aýdylmadyk sözler, ýetilmedik arzuwlar, ajaýyp pikirler we başga-da köp zatlar... Soňra bolsa özlerine bolan ynamyny ýitiren şahsyýetler emele gelýär.

Başgalar siziň pikirleriňizi nädogry hasaplasa-da, hiç wagt bu sebäpli öz ynanýan zatlaryňyzdan ýüz öwürmäň! Nähili ýagdaý bolanda-da, eliňizden geleniniň iň gowusyny ediň. Başarmasaňyz, gaýtadan synanyşyň, soňra ýene gaýtadan...

Munuň bilen baglanyşykly bir hekaýany size ýetirmek isleýärin. *Hindistanda meşhur bir suratkeş ýaşaýar eken. Adamlar suratkeşiň çekýän suratlaryny birkemsiz hasaplap, oňa «Reňkleriň ussady» diýmegi aňladýan Ranga Celeri ýa-da gysgaça Ranga Guru diýer ekenler. Onuň ýetişdiren şägirdi Rajiji günleriň birinde özüniň çeken suratyna baha bermegini halypasyndan haýyş edýär.*

*Ranga Guru bolsa «Sen indi ussat suratkeş bolduň. Seniň çeken suratlaryňa indi halk baha berer» diýip, oňa çeken suratyny adamlaryň üýşýän ýerine eltip goýmagyny, ýanynda bolsa al reňkli galam bilen bir hat goýmagyny tabşyrypdyr. Hatda adamlardan suratyň özlerine ýaramadyk ýerlerine atanak çekmeklerini haýyş edýän ýazgy bardy.*

*Rajiji halypasynyň aýdyşy ýaly edýär. Birnäçe günden soň ol ýere baryp görse, al reňk bilen çekilen*

*atanaklardan ýaňa suratyň ýüzi hem görünmeýärmiş. Elbetde, ol örän gynanypdyr. Rajijiniň yhlasyny siňdirip, janyny gaýgyrman döreden eseri al reňke boýalan diwara çalym edýärmiş. Ol çeken suratyny Ranga Guruň ýanyna eltipdir we özüniň bu ýagdaýa juda gynanandygyny aýdypdyr. Ranga Guru bolsa oňa ruhdan düşmezligi we surat çekmegi dowam etmegini maslahat beripdir.*

*Rajiji suraty gaýtadan çekip, ony Ranga Gurunyň ýanyna eltipdir. Ranga Guru oňa ýene-de suraty şol ýere eltip goýmagyny, emma bu gezek ýanynda dürli reňkli galamlar bilen adamlaryň suratda göwnüne ýaramadyk ýerlerini düzetmeklerini haýyş edýän ýazgy goýmagyny tabşyrypdyr. Suratkeş aýdylany ýerine ýetiripdir. Birnäçe günden soň baryp görse, suratyň hiç bir ýeri düzedilmändir. Galamlar hem ulanylmandyr, öňküsi ýaly duranmyş. Suratkeş bu ýagdaýa juda begenip, Ranga Gurunyň ýanyna gidipdir we çeken suratynyň hiç bir ýeriniň düzedilmändigini aýdypdyr.*

*Ranga Guru bolsa: «Gadyrly Rajiji, sen birinji gezekde adamlara mümkinçilik bereniňde nähili rehimsizlik bilen ýüzbe-ýüz bolup biljekdigiňi gördüň. Bütin ömründe hiç hili surat çekip görmedik adamlar hem seniň çeken suratyňy tankyt etdiler. Emma ikinji gezekde ýalňyşlyklaryňy düzetmeklerini haýyş etdiň. Olaryň döredijilikli bolmaklaryny islediň. Döredijilikli bolmak okamagy, bilim almagy talap edýär. Hiç bir adam bilmeýän zadyny düzeltmäge synanyşmady, het edip bilmedi. Hünäriňde ussat bolmak ýeterlik däl,*

*ugurtapyjy we akylly hem bolmaly. Näme edýändigiňden bihabar adamlardan çeken zähmetiň gadyryny bilmeklerine garaşma. Olar üçin seniň zähmetiň hiç hili gymmaty ýok. Hiç wagt zähmetiňi zat bilmeýänlere hödürleme we asla olar bilen jedelleşme» diýipdir.*

Gynansak-da, bir mesele boýunça hiç zat bilmesegem, köp zat bilýäris diýip pikir ederis. Özümiziň çaklamalarymyza bil baglap şol zat hakynda köp zatlary aýdarys. Bu ýagdaýa hatda özümiz hem geň galarys. «Bu mesele boýunça hiç zat bilemok» diýmegi özümize kiçilik bileris.

Hernäçe jan etseňizem, aýdýan zatlaryňyz garşyňyzdaky adamyň düşünişi ýalydyr. Bir zatlary zor bilen düşündirjek bolmagyň peýdasy ýok.

Bu mesele bilen baglanyşykly bir hekaýany size ýetirmek isleýärin...

*Alypbaryjy elindäki altyn teňňäni görkezip, söze başlady. Otagyň içinde oturan ýüzlerçe adama şeýle sowal berdi:*

*– Bu altyn teňňäni kim almak isleýär?*

*Elleriň hemmesi diýen ýaly ýokary galdy. Alypbaryjy sözüni dowam etdi:*

*– «Bu altyn teňňäni araňyzdan bir adama bermekçi. Emma ondan öň käbir zatlary etmek isleýärin».*

*Alypbaryjy altyn teňňäni ýere oklady we aýakgaplary bilen onuň üstünden basgylady. Soňra ony ýerden galdyryp, oturan adamlara görkezdi we*

*şeýle diýdi:*

*– «Bu altyn teňňäni henizem almak isleýän barmy?».*

*Eller ýene ýokardady. Alypbaryjy bu gezek altyn teňňäni kömekçisiniň getiren içi palçykdan doly bir gaba oklady. Ony gabyň içinden çykaranda, palçykdan ýaňa altynyň ýüzi hem görünmeýärdi. Alyp baryjy sowalyny ýene-de bir gezek gaýtalady. Eller henizem ýokardady, ähli kişi altyn teňňäni almak isleýärdi. Alypbaryjy ýylgyryp, şeýle diýdi:*

*«Dostlar, bu ýerde gaty möhüm bir zady görýäris. Men bu altyn teňňä näme etsemem, siz ony almak isleýärsiňiz. Sebäbi altynyň başyna gelen ýagdaýlar onuň gymmatyny gaçyrmaýar. Ol henizem gymmat bahaly altyn. Bu altynyň başyndan geçiren ýagdaýlaryny biziň köpimiz hem başymyzdan geçirýäris. Ýykylarys, aglarys, göwnümize degler. Käwagt üstümize palçyk syçradarlar. Käte biz palçygyň içine ýykylarys. Emma bularyň hiç biri möhüm däl, esasy zat öňümizdäki duran gözelligi unutmalyň we bagtly bolmagyň bularyň hiç birine bagly däldigini bileliň. Biziň gymmatymyzy başgalaryň bize nähili garaýandygy ýa-da başymyza gelen ýagdaýlar kesgitlemeýär. Kynçylyklara döz gelip bilşimiz biziň hakyky gymmatymyzy kesgitleýär».*

Nähili ýagdaýda bolsak hem, hiç wagt umydymyzy ýitirmeli däldiris. Elbetde, ähli kynçylyklaryň birbada başymyza gelmegi mümkin. Şatlanan ýa-da gamlanan wagtlarymyz, içki sesimize boýun egip, özümize ezýet

edýän günlerimiz hem bolup biler.

Bular durmuşda bolaýmaly adaty wakalar bolup, biziň ählimiziň öwrenişmeli zatlarymyzdyr. Bagtly bolmagyň deregine, özüňi bagtsyzlygyň penjesine düşen ýaly duýmak nämä derkar?! Näme üçin bu zalymlygy özümize laýyk göreliň? Eger-de garşymyzdaky adam bize ýalňyş düşünen bolsa, bu sebäpli näme üçin biz özümizi günäkär duýmaly? Nähili düşünmek isleýän bolsa, goý, şeýle düşünsin. Ýitirjek zadyňyz näme? Hiç zat.

Adam bu dünýäde hiç bir sebäpsiz söýüp we ynanyp biljek dostlarynyň bolmagyna hem mätäçdir. Olar üçin ähli zadyny pida edip biljek bir dosta... Käbir adamlar biziň durmuşymyzda myhman bolýarlar. Belli bir döwürde durmuşymyza girýän we çykýan bu adamlaryň ählisiniň bir wezipesi bar: Bize durmuşy öwretmek... Olaryň her birinden aýry-aýry durmuş tejribesini edineris. Bu adamlaryň aglaba bölegi uzak wagtlap bize bu ýolda ýoldaş bolarlar, käbirleriniň bolsa durmuşymyzdaky wagtlary juda gysga bolup, hiç bir sebäpsiz bizden daşlaşarlar. Käbirleri öz bähbitleri ugruna bize ýüz tutarlar, käsi bolsa bilesigelijilik üçin ýanymyzda bolarlar. Käte iň kyn pursatlaryňyzda birine duşarsyňyz we ol adam seniň bu kyn günleriň başyňdan geçýänçä seniň ýanyňda bolar. Soňra hem seniň durmuşyňdan sessiz-üýnsüz çykyp gider. Ynha, men şeýle adamlaryň öz borjuny ýerine ýetirip, soňra hem ýoluny dowam edýändiklerine ynanýaryn.

*Üstünligiň syrlary:*
*Eliňden gelenini gaýgyrma.*
*Seni bagtly etjek işde orun al.*
*Şowsuzlyklaryň umydyňy ýeňmegine ýol berme.*
*Üstünlik gazanan adamlaryň*
*senden tapawudy ýok.*

## Ikinji bölüm

*1992-nji ýylda Gazi uniwersitetiniň metbugat we ýaýlym mekdebiniň 2-nji synp okuwçylary Türkiýe ykdysadyýet dersiniň mugallymyna garaşýarlar. Okuwçylaryň gohlaryndan ýaňa synpda durar ýaly däldi. Şol pursat mugallym gapyda peýda boldy. Onuň garaýyşlary sowuk hem-de gaty çynlakaýdy. Mugallym synpyň içine gaharly nazaryny aýlap, münbere çykýar. Synp tagtasyna elindäki hek bilen «1» ýazýar. Serediň diýýär: «Bu adamkärçilik. Durmuşda eýe bolup biljegiňiz iň uly baýlyk». Soňra onuň gapdalyna «0» ýazýar: «Bu üstünlik. Üstünlik bir adamkärçiligi «10-a» ýetirer». Soňra ýene bir «0»: «Bu tejribe. Munuň bilen «10» wagtyňyz «100-e» ýetersiňiz», nollar şeýle dowam eder gider. Zehin... Düzgün-nyzam... Meýilnama... Söýgi...*

*Soňra mugallym iň öňdäki «1-i» pozýar. Tagtanyň ýüzünde birnäçe nol galýar. Mugallym bu ýagdaýy*

*şeýle beýan edýär: «Eger adamkärçiligiňiz bolmasa, beýlekiler hiç zatdyr!».*

Käbir adamlaryň ýeňiş gazanmak ugruna şeýle bir howply häsiýetleri bardyr. Olar bu häsiýetleri bilen hem özlerine, hem-de daş-töweregindäki adamlara näderejede zyýan ýetirýändiklerini duýmazlar.

Durmuş hem çynlakaý garalmajak derejede gysga, hem-de bagtly bolnup bilinjek derejede uzyndyr. Wagt ähli zatlar üçin deň bölege bölünmelidir. Eger bir bölek beýleki bir bölekden agramly bolsa, onda deňagramlylyk ýiter we siz hem öz durmuşyňyzyň ygtyýarlygyny eliňizden gidererçsiňiz. Şeýlelikde, bu ýagdaý size bagtsyzlyk getirer we bu düzgüni durmuşyňyza ýalňyş şekilde ýerleşdiren bolsaňyz, bu ýagdaýy düzetmek hem kyn bolar.

Durmuşyňyzy deňagramlylykda saklamak örän möhümdir. Munuň üçin wagt sarp edeniňe hem degýändir. Wagty deň derejede böleklere bölmek bize rahatlyk berşi ýaly, durmuşymyzy hem dogry ýola gönükdirer. Üstünligiň syrlarynyň biri hem tutanýerli, wepaly, ynamdar bolmak bilen bir hatarda özümize, daş-töweregimize hem-de saglygymyza wagt sarp etmekdir. Muny bir sanaw bilen göz öňüne getirmek islesek:

** Saglyk*

** Maşgala*

** Jemgyýetçilik gatnaşyklary*

** Özüňi kämilleşdirmek*

** Dynç almak*

** Halaýan işleriň bilen meşgullanmak*

** Käriňde ussat bolmak*

** Gazanç etmek*

Siz hem özüňiz üçin şular ýaly sanaw düzüp bilersiňiz. Sanawdaky her bir zat üçin deň derejede wagt sarp etmeli hem-de olaryň ählisine ünsli çemeleşmelisiňiz. Bu zatlaryň ählisinde sazlaşykly ädimleri äden wagtyňyzda deňagramly durmuşda ýaşamak mümkindir.

Indi bolsa üstünlik gazanmagyň syrlaryna göz aýlalyň... Ilki bilen etmeli zadyňyz anyk we ýetip boljak maksatlary kesgitlemek. Eger öňde goýan maksatlaryňyz diňe isleg derejesinde galsa, onda bu siziň belli bir maksat edinmän, diňe arzuw edendigiňizi aňladýar.

Öňde goýan maksatlaryna ýeten adamlar nähili ýol bilen üstünlik gazandylar? Olar başarmak isleýän zatlaryny hakykata ýakyn görnüşde saýladylar. Şol işi amala aşyryp biljekdiklerine ynandylar hem-de oňa adatdan daşary iş hökmünde garaman, herekete geçdiler. Meselem: Uniwersitetiň giriş synaglaryna taýýarlanýan okuwçy, ilki bilen, haýsy kärde zähmet çekmek isleýändigini anyk kesgitlemeli hem-de bu maksadalaýyklykda özi üçin bir sanaw edinmeli. Nähili ýagdaý bolsa-da, bu sanawyň daşyna çykmaly däl. Eger çykaýan halatynda, haýal etmän yza ädim ätmeli. Bu ýolda ähli zat üçin wagt deň derejede bölünmeli we üstünlik gazanmakda höwesiň ähmiýeti ýatdan çykarylmaly däldir. Şeýle hem başarjakdygyňyza bütin

durkuňyz bilen ynanyp, ýerine ýetirilýän işe ähli güýjüňizi hem-de ünsüňizi bermek zerurdyr.

Uly höwes bilen islenilýän hem-de dowamly tagallalar bilen goldanylýan her iş öňde-soňda üstünlige ýetirer. Zähmet çekmek adamyň iň möhüm tebigy zerurlyklaryndan biridir. Ynsanyň adaty hereketleri ýerine ýetirip bilmegi üçin howa, suwa, iýmite, dostluga mätäç bolşy ýaly, ol zähmete hem mätäçdir. Emma az wagta köp iş ýüklenen bolsa, adamyň ýadawlyk, ysgynsyzlyk we göwünsizlik ýaly häsiýetleri ýüze çykyp başlar. Tertipli we düzgünli ýöredilýän iş içgysgynç däldir. Şeýle hem wagt tygşytly we ýerlikli sarp ediler.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ilkinji prezidenti J. Waşingtonyň sekretary bir gün işe gijä galmagynyň sebäbini sagadynyň döwlendigi bilen baglanyşdyrýar we ötünç soraýar. Waşington bolsa şeýle diýýär: «Bu ýagdaýda ýa sen täze sagat alarsyň, ýa-da men özüme täze sekretar...».

ABŞ-nyň öňki prezidenti Linkoln çagalygynda bir daýhanyň ýanynda işleýärdi. Ol sürülere seredýän wagtynda işiniň daşyndan kitap okap, orta mekdebi tamamlaýar. Ol hukuk fakultetinde okap, üstünlikli aklawçy bolmagy başarýar. Soňra hem ýetip biljek iň ýokary derejä, ýagny Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidentligine saýlandy.

Haçan-da ýerine ýetirilen işler meýilnama baglylykda ýöredilmese we adam özüni kämilleşdirmegi başarmadyk ýagdaýynda, onda edilen

işlerde şowlulyk gazanmak mümkin bolman biler. Diňe zähmet çekmäge üns berýän adamlar işjanly adamlar diýlip atlandyrylar we has köp işlemäge üns berip, durmuşynyň iň gowy pursatlaryny deňinden geçirerler. Durmuşyny hiç hili peýdaly iş etmezden geçiren adamlaryň hem bulardan tapawudy ýokdur. Hut şu nukdaýnazardan kitabymyň geçen sahypalaryndaky size ýetiren sanawymy elmydama göz öňünde tutmak örän möhümdir.

Işjanly adamlar elmydama wagt bilen ýaryşarlar. Şonuň üçin hem köplenç bu adamlarda ýokary gan basyş, ýüregagyry we başga-da birnäçe keseller duş gelýär. Bu ýagdaýda wagtyň geçmegi bilen işdäki gazanylýan üstünlikler hem azalar.

**Eýnşteýniň üstünlik üçin formulasy**

Eger durmuşda A üstünligi aňladýan bolsa, onda formula şu şekildedir:

A = x + y + z

Bu formulada «x» zähmet çekmegi, «y» bolsa dynçlygy görkezýär. «Onda bu ýagdaýda «z» nämäni aňladýar?» diýip soranlarynda, beýik fizik formulany şeýle beýan edýär: «z-de» gürlemezligi...».

Hindistanlylaryň bir öwüdinde adamlaryň üstünlige ýetmekleri we gowy adam häsiýetlerine eýe bolup bilmekleri üçin şu aşakdaky on sany gymmatly maslahata eýerilmesi gereklidigi aýdylýar.

1. Pikirlenmäge wagt sarp ediň; pikirlenmek güýç üçin gerekli çeşmedir.

2. Şatlanmak üçin wagt tapyň; şatlanmak ýaşlygyň syrydyr.

3. Okamak üçin wagt sarp ediň; okamak bilimiň çeşmesidir.

4. Ybadat etmek üçin wagt tapyň; ybadat ejiz pursatlaryňda kynçylyklara garşy diregdir.

5. Söýmäge wagt sarp ediň; söýgi durmuşy süýjedýän zatdyr.

6. Gürleşmek üçin wagt sarp ediň; gürleşmek paýhasyň derwezesidir.

7. Gülmek üçin wagt tapyň; gülmek kalbyň sazydyr.

8. Bagyş etmek üçin wagt sarp ediň; bagyş etmek Günüň ýagtylygydyr.

9. Işiňizi ýerine ýetirmek üçin wagt sarp ediň; ol barlygyň manysydyr.

10. Şükür etmek üçin wagt sarp ediň; şükür etmek durmuşyň süýjüligidir.

## Üçünji bölüm

*Bagtly gelejegiň hut şu günden*
*başlanýandygyny unutmaň!*
**Jekson Braun**

Özgermegiň wagty geldi. Özümize başgalarynyň gözi bilen seretmegiň we möhüm zatlary düzetmegiň wagty...

Ir bilen oýandyňyz diýeli. El-ýüzleriňizi ýuwup, ertirlik edinmek üçin maşgalaňyz bilen saçak başyna geçdiňiz. Şol pursatda çagaňyzyň eli atanlykda çaýly käsä degýär we üstüňize çaý dökülýär...

Göz ýumup-açasy salymda bolup geçen bu wakalara erk edip ýetişmek mümkin däl, emma mundan soňky boljak zatlara erk etmek siziň eliňizde.

Aýdaly, gaharyňyza bäs edip bilmän, çaýy üstüňize dökenligi üçin çagaňyza gatyrganarsyňyz, olam munuň üçin dodaklaryny kemşerdip, aglamaga başlar. Soňra çaýly käsäni stoluň erňegine ýakyn goýanlygy üçin aýalyňyza hem ajyňyzy pürküp galarsyňyz. Seresap boluň! Siz henizem janygyp-janygyp günäkäri gözläp otyrsyňyzmy? Günüňizi şeýdip başlasaňyz, şol günüňiziň ýaramaz geçmek ähtimallygy has ýokarydyr.

Jyzlanyň ömrüne deň gysgajyk gaharlanmalardan

soňra, otagyňyza ýönelip, üst başyňyzy çalşyrarsyňyz. Dolanyp geleniňizde müýni ýaşly gözlerinden bildirip duran çagaňyzyň henizem ertirlik edinmändigini, okuwa gitmek üçin taýýarlanmandygyny görersiňiz.

Siz bolsa haýal etmän ýola düşmeli, işe ýetişmeli. Çagaňyzy okuwyna alyp gitmek üçin ulaga münersiňiz. Gijä galýandygyňyz sebäpli ulagy ýokary tizlikde sürmäge mejbur hasaplarsyňyz. Ahyram munuň üçin ala taýakly ýol gözegçisine jerime tölemäge mejbur bolarsyňyz. Şeýle garaşylmadyk aladalardan soňra çagaňyzy zordan okuwyna ýetişdirersiňiz.

Mundan soň öz işiňize gönügersiňiz we ýigrimi bäş minut gijä galyp bararsyňyz. «Ýa nesip» diýip, ýaňy bir iş otagyna girersiňiz welin, iş üçin gerekli bolan resminamaly portfeliňizi öýde galdyrandygyňyz ýadyňyza düşer. Günüňiziň ýaramaz geçmegi henizem dowam edýär...

Siziň pikiriňizçe, günüň ahyryna çenli ähli işleriňiziň tersine bolmagyna:

– Çagaňyz

– Çaýly käse

– Aýalyňyz

– Ýol gözegçisi

– Hut özüňiz – kim sebäp boldy?

Bu zatlaryň düýp-teýkary hakda oýlanyp görseňiz, irden saçak başynda özüňizi alyp barşyňyzyň soňky ýagdaýlaryň ählisine täsir edip bilýändigine göz ýetirersiňiz.

Durmuş köp halatda özüňizi alyp barşyňyza bagly.

Ýagdaýlara we hadysalara laýyklykda özüňizi alyp barşyňyz juda köp zada täsir edýär. Siz ýagdaýlary has gowulyga tarap hem özgerdip bilýäňiz. Ýok, beýle çemeleşmeseňiz, ýagdaýlary has mojukdyrybam bilýäňiz.

Kä halatlarda duýgularymyza erk etmek kyn düşýär. Kiçijik çagalar üstüne buzgaýmak damdyranda, birinden ýadygärlik galan sowgatlyk küýzesiniň döwlen halatynda, gymmat bahaly el halysynyň üstüne nahar dökülen wagty... keýpimiz dessine üýtgäp bilýär. Munuň üçin çagaňyza ýa-da sebäp bolan beýleki birine gaharlanyp bilersiňiz.

Gaharlanan halatyňyzda duýgularyňyza erk edip bilmän, özüňizi ýitirersiňiz. Köp kösençlikler we örtenmeler, ine, hut şu ýerden, özüňi ýitirmekden gözbaş alýar. Ýeri, döwlen küýzäňiz, çyzylan oturgyçlaryňyz, biraz hapalanan halylaryňyz çagalaryňyzdan, ýakynlaryňyzdan has gymmatlymy? Zat üçin ýakyn ynsanlaryňyzyň göwnüni ýykanyňyza degýärmi?

Meniň pikirimçe, gymmatly däl, gymmatly bolmaly hem däl. Her pursady keýpimizi gaçyrjak ýagdaýa öwürsek, onda bir gün saglyk ýagdaýymyzda asla düzedip bolmajak näsazlyklaryň döremegine ýol berdigimiz bolar.

Bir gün psihologiýa mugallymy okuwçylaryna sapak beripdir:

**Professor içi suwdan doly bir bulgury ýokary göterip: «Şu suwly bulguryň agramy näçeräk bardyr**

**öýdýäňiz?» – diýip, okuwçylardan sorapdyr. Berlen jogaplar 200 bilen 400 gramyň aralygynda bolup çykypdyr. Professor okuwçylarynyň jogaplaryny doly diňläp bolansoň, söze başlapdyr: «Aslynda, munuň agramynyň näçe gramdygy möhüm däl. Üns bermeli möhüm zadymyz, şu bulgury elimizden düşürmän näçe wagt saklaýandygymyz. Eger bir minut saklasak, munuň agramy kän bildirmez. Emma bir sagatlap saklasak, goşarlarymyzda ýa-da golumyzda agyrylar duýlup başlar. Eger-de bir günläp şeýle saklap dursak, onda günüň ahyrynda lukman çagyrmaly ýagdaýa düşeris. Aslynda, şol bir agramdaky, şol bir agyrlykdaky zat, emma elimizde näçe uzak sakladygymyzça, onuň agramy üýtgemese-de, bedene berýän agyrysy artyp başlaýar» diýipdir.**

Eger-de biz aladalary gerdenimizde götermäge dowam etsek, iru-giç olary göterip bilmejek ýagdaýa geleris. Olar barha artyp, agyrlaşyp başlar. Biziň etmeli zadymyz, zerur bolmasa bulgury ýerde goýup, biraz dynjymyzy almak. Edil şonuň ýaly, wagtal-wagtal aladalarymyzy hem bir gapdala goýup, az-kem dynç alyp, özümize gelenimizden soňra ýene ýolumyza dowam etmelidiris.

Iş bilen bagly aladalaryňyz iş ýeriňizde galsyn, işiň aladasyny öýüňize salmaň. Öýüň aladasyny hem işiňize eltmäň. Şu ýerde bir hekaýany size ýetirmek isleýärin. Kakasy bilen oglunyň arasynda bolup geçen bu waka juda manyly:

Bir gün agşam işden ýadaw halda dolanan bir

adam bäş ýaşly oguljygynyň gapynyň agzynda özüne garaşyp durandygyny görüpdir. Kakasynyň gelenine begenen çagajyk oňa bir sowal bilen ýüzlenipdir: «Kaka, bir sagatda näçeräk pul gazanýarsyň?». Işiň argynlygyndan aýňalmadyk kakasy oglunyň bu sowalyna sowuklyk bilen: «Heniz sen ol zatlara düşünerden ir, oglum» – diýip jogap beripdir. «Haýyş edýän. Kaka, aýdaýsana, bilesim gelýär» – diýip, oguljygy özelenipdir. Kakasy göwünli-göwünsiz «Ýigrimi lira» diýip, içki otaga geçibermekçi bolupdyr. Oguljygy kakasynyň elinden ýapyşyp: «Onda maňa on lira karz berersiňizmi?» diýip sorapdyr. Kakasy muňa gaharlanyp: «Deger-degmez oýunjaklaryň üçin hemişe pul sarp edip biljek däl, düşündiňmi?» diýip gatyrganypdyr. Oguljygy: «Ýöne men oýunjak almak üçin soramandym» diýip, gözlerini balkyldadyp, lapykeç halda öz otagyna gidipdir. Aradan biraz wagt geçensoň, demini dürsäp, dynjyny alandan soň kakasy oglundan näme üçin pul gerek bolandygynyň sebäbi bilen gyzyklanmandygyna düşünipdir. Belki, zerur bir zat üçin soran bolmagy ähtimaldygy ýadyna düşende, oglunyň otagyna barypdyr.

Oguljygy düşegiň üstünde gözüni bir nokada dikip, tukat bolup ýatan ekeni. «Oglum, ukladyňmy?» – diýip, kakasy sorapdyr. Ogly: «Ýok» – diýip, öýkeli jogap beripdir.

**Kakasy onuň ýanyna süýşüp, «Al bakaly on lirany» diýipdir. Çagajyk begenip ýerinden turupdyr-da: «Sag bol, kaka» – diýip, ýassygynyň**

**aşagyndan ýene birnäçe pul çykarypdyr. Kakasynyň ýüzüne seredip, sessiz-üýnsüz elindäki pullary sanamaga başlapdyr.**

**Kakasy bu ýagdaýa geňirgenip: «Puluň bar bolsa, näme üçin ýene-de soraýarsyň?» diýende çagajyk, «Ýöne olar ýeterlik däldi» diýip jogap beripdir.**

**Soňra ogly elindäki ýigrimi lirany kakasyna uzadyp: «Kaka, ine, bir sagatda gazanýan puluň, muny al, ýöne bir sagadyňy meniň bilen geçirmäge dözermiň?» diýipdir.**

**Kämahal durmuşda pula satyn alyp bilmejek zatlarymyz bolýar. Ýokardaky hekaýada hem şol ýaňzydylýar. Bu ýöne bir hekaýada däl, durmuşda şeýle adamlara gaýta-gaýta gabat gelýärin. Şolaryň biri-de meniň öz kakamdy...**

Ol şeýlebir köp işleýärdi welin, hepdede ýa-da aýda bir gezek ýüzüni görüp bilýärdim. Käte öz-özüme: «Käşgä, köp pulum bolsady, olary kakama berip, ýanymda bolmagyny gazanyp bilsemdim» diýerdim. Bu gaty gözgyny ýagdaý, şeýle gerek? Ençeme ýyllar geçse-de, ýatlamalarymyz bizi terk etmeýär.

Bolýan zatlara magat düşünmän, hiç kimi diňlemän, dessine gaharlanmaga başlaýarys. Ilki başda biraz sabyr etmegi başarsak, soňra eden hereketlerimize ökünmeli bolmarys.

Kämilleşmek, kämilleşmek, kämilleşmek... bu hakda köp zatlary aýdýarys, emma kämillik ilki bilen özümizde peýda bolmaly.

– Eger bize ýalan sözlemezliklerini isleýän bolsak, onda ilki bilen özümiz dogruçyl bolmaly.

– Bizi diňlemeklerini isleýän bolsak, ilki biz beýlekileri diňlemegi başarmaly.

– Hormat goýulmagyny islesek, hormat goýmagy başarmaly.

– Söýülmek isleýän bolsak, ilki özümiz söýmegi başarmaly.

Haýsydyr bir şowsuz ýa-da bijaý zat üçin günäkär gözlemek aňsat. Ýöne jogapkärçiligi öz üstüňe alyp, etmeli zady talabalaýyk ýerine ýetirip bilmek has möhümidir. Ýanyňyzdan aýrylmaýan kölege özüňiziňkidir, başga biriniň ýa-da başga zadyň kölegesi däldir.

Täzeçillikleri kabul etmäge ukyply bolmaly. Täzeçilligi kabul etmezlik, özümizi garaňky otaga gabsap, soňra hem ýagtylygyň barlygyny inkär etmek ýalydyr. Emma ýagtylyk ähli ýerde bar, garaňkylyk bolsa diňe özümizi gabsap goýan şol otagymyzdadyr. Şeýle ýagdaýda edip biljek iň gowy zadymyz, ybadatyň güýjüne ynanmak we «Taňrym, üýtgedip bilmejek zatlaryma kaýyl bolarym ýaly sabyr-kanagat ber. Üýtgedip biljek zatlarym üçin güýç-gaýrat ber. Üýtgedip biljek we bilmejek zatlaryma düşünmegim üçin akyl-huş ber» diýip bilmekdir.

Bir ýerde okan şu ýazgymy size ýetirmek isleýärin:

**«Ýaş wagtym arzuwlarym çäksizdi, dünýäni üýtgetmek isleýärdim. Gartaşyp başlanymda dünýäni üýtgedip bilmejekdigime göz ýetirdim. Men hem**

**arzuwlarymy biraz çäklendirip, diňe dogduk obamy üýtgetmeli diýen netijä geldim. Emma ol hem başartjaga meňzänokdy. Ýaşymyň soňuna gelenimde bolsa, galanja güýjümi toplap, maşgalamy we ýakynlarymy üýtgetmäge synanyşdym. Ýöne muny hem hiç birine kabul etdirip bilmedim. Şindi bolsa ölüm ýassygynda ýatyryn we birden aňyma geldi: ilki özümi üýtgedip bilen bolsadym, olara görelde bolup, maşgalamy hem üýtgedip bilerdim. Olardan ylham we güýç alyp, dogduk obamy özgertmegi başarardym. Kim bilýär, belki, dünýäni hem üýtgedip bilerdim».**

Bir ömrüň ahmyr bilen geçmegi, ähli zada gaty giç düşünmek hem-de wagtyň gadyryny bilmezlik...

Her pursatdan lezzet alyň, çünki düýn geçmişe öwrüldi. Ertiriň bize näme getirjegini bilemzok, emma bu gün size berlen ajaýyp sowgatdyr.

## Dördünji bölüm

Ene-atalarymyzyň biziň üçin eden gowulyklary barmak basyp sanardan has köpdür. Olar bize çaga mahalymyzda nähili mylaýymlyk bilen sereden bolsalar, gijelerine süýji ukularyndan oýanyp, bize nähili mähir görkezen bolsalar, biz hem gartaşan çagynda olara şeýle mähir bilen eden gowulyklaryny gaýtaryp bermelidiris.

Biziň çaga wagtymyzda soran manysyz sowallarymyza olar nähili kanagat bilen jogap beren bolsalar, garran mahalynda olaryň hem bize gaýta-gaýta berjek sowallaryna şol kanagat we sabyr bilen jogap bermek bu sapar biziň paýymyza düşýär.

Ilkinji ädimlerimizi ädenimizde kiçijik ellerimiz bilen olaryň ellerini tutmadykmy? Indi olar alada, ünse, söýgä mätäç bolanlarynda, haýsy wyždan bilen olary garrylar öýüne taşlap bileris?

Birwagtlar durmuş hakda hiç zat bilmeýärdik. Ne gürlemegi, ne okamagy, ne-de ýazmagy. Gürlemegi öwrenýän mahalymyz yzygiderli manysyz sowallary berýärdik. Şol sowallarymyz bilen olaryň kellesini agyrdan bolsagam, olar sabyr bilen bize bir zatlar öwretmäge synanyşdylar.

Ene-atalarymyz biziň ýadymyza diňe baýramçylyk

günlerinde düşmesin. Olaryň biziň üçin nähili ezizdigini diňe ýylda sanalgy gezek – baýram günlerinde ýatlamalyň. Olar beýik gahrymanlar we hormat goýulmaga mynasyp adamlar.

Olar üçin berlen iň uly we iň gymmatly sowgat sensiň. Diňe sen. Olar seniň bilen ýylgyryp, seniň bilen gamlanýarlar. Olary diňe baýramçylyk günlerinde ýatlama, wagt tapdygyň, elmydama ýanlarynda bol. Jennet eneleriň aýaklarynyň astynda bolsa, men şol aýaklaryň astynda galmaga tüýs ýüregimden razy.

***Yza süýşürilen meseleler***
***çakmagyndan gorkulýan içýan ýalydyr.***
***Ünsüňizi jemläp bilşiňize görä***
***işe hötde gelersiňiz.***

## Bäşinji bölüm

Özüňizi näçeräk küýsediňiz?

Hawa, nädogry okamadyňyz. Sizden özüňizi näçeräk küýsediňiz diýip soraýaryn. Manysyz sorag ýaly bolup görünýär, şeýle dälmi? Haçandyr birwagt siz özüňizi gujakladyňyzmy? Gazanan üstünlikleriňizden soň özüňize alkyşly sözleri aýtdyňyzmy? Başgalary üçin taýýarlan tagamlaryňyzy, diňe myhmanlaryňyz gelende ulanýan gymmat bahaly tabaklaryňyzy, şemdanlaryňyzy, bulduraýan bulgurlaryňyzy özüňiz üçin hem ulandyňyzmy? Özüňiz bolup aýna seredip gördüňizmi? Saçyňyzy daran mahalyňyzda ýa-da ýüzüňizi ýuwan wagtyňyzda däl-de, hakykatdan hem, çynlakaý garaýyşlar bilen özüňize seredip gördüňizmi?

Meselelerimizi dürli wagtlarda birnäçe adamlara gürrüň berýäris. Aslynda, ýekeje meseledir, emma näçe adama aýtsak hem, şonda-da ýüregimiz ynjalyk tapan däldir. Meniň pikirimçe, munuň düýp sebäbi

hem şol ýerde. Özgelere gürrüň berenimiz bilen meselelerimiz çözülmeýär. Aýnanyň öňüne geçip, özümiz bilen ýüzbe-ýüz bolup, belki-de, iň kyn zady, ynsan nebsine iň ýokuş degýän zady, ýagny özümizi tankyt etmelidiris. Özümize minnetdarlyk bildirenimizde hem, «Tüweleme, bu işi başardym» diýip, öwgüli sözleri mähir bilen aýtmalydyrys.

Başgalaryna berýän ünsümizi we goldawymyzy näme üçin özümize bermäliň? Indi bolsa, iň ýakyn wagtda aýnanyň öňüne baryp, gözleriňize dikanlap, özüňize mähirli sözleri aýtmagyňyzy isleýärin...

Gynansak-da, käbirlerimiz meselelerimiz hakynda gürleşmegi gygyryşmak, jedelleşmek, wagt ýitirmek ýaly biderek zat hasaplaýarys. Bir adam size edýän hereketleriňiziň, özüňizi alyp barşyňyzyň nädogrudygyny aýdýan bolsa, muny göz öňünde tutuň. Eger-de ikinji bir adam hem muny diýýän bolsa, onda bu meselä çynlakaý üns beriň. Üçünji adam hem şeýle diýen bolsa, onda özüňizi kämilleşdirmegiň ymykly ugruna çykyň.

Tankyt edilmegi kabul edip bilmeseňiz, hemişe şol duran ýeriňizde durarsyňyz. Ne göwnüne degen adamlaryňyz yzyna gaýdyp geler, ne-de duşuňyzdan geçiren pursatlaryňyz. Birnäçe nikalaryň bu sebäpden bozulýandygyny eşidýärin ýa-da iň pugta diýilýän dostluklaryň çynar agajy ýaly ýykylýandygyny görýärin. Munuň sebäbi hem, meseleleri çözmegiň deregine olary ýatdan çykaryp, hiç zat bolmadyk ýaly ýolumyzy dowam etmegimizdir...

Kökünden çözülmedik meselelerimiz ençeme ýyllardan soňra durmuşymyzda peýda bolarlar. Yza süýşürilen meseleler çakmagyndan gorkulýan içýan ýalydyr we haçan bizi zäherlejegi näbellidir. Dogry, aladalardan, kynçylyklardan gaçmak we ýatdan çykarmak olary çözmekden has aňsat görünýär, emma bu ýagdaýyň berjek netijeleri we soňraky ýyllarda bizi düşürjek ýagdaýy has agyr bolar.

## Altynjy bölüm

**Adam düzelende, bütin dünýä düzeler!**

Bir adam bütin hepdäniň dowamyndaky ýadawlygyny gidermek üçin dynç güni ir bilen oýanyp, gazetini eline alyp, uzakly gün öýde dynç almagy meýilleşdiripdir. Şol pursat kiçijik ogly onuň ýanyna ylgap gelipdir-de, özüni haçan seýilgähe äkitjekdigini sorapdyr. Asyl, kakasy ogluna şu dynç güni seýilgähde gezelenç etmäge söz beren ekeni. Emma ýadawlygy zerarly öýden çykmak islemeýän adam ogluna bir bahana tapmak isläpdir. Gazetiň sahypasyndaky mahabat hökmünde çap edilen dünýä kartasyna gözi düşüpdir, ony çykalga hökmünde görüpdir.

Ol dünýä kartasyny owunjak böleklere bölüşdiripdir-de, ogluna uzadyp: «Eger şu kartany öňki görnüşine getirip bilseň, seni gezelenje äkiderin» diýipdir. Soňra bolsa öz ýanyndan: «Oglum bu kartany tamamlaýança bir gününi sarp eder, menem uzakly gün öýde bolaryn, arkaýyn dynç alaryn» diýip pikir edipdir.

On minut geçeninden soň, ogly kakasynyň ýanyna ylgap gelip: «Kaka, ynha, kartany tamamladym, indi gezelenje gidip bileris» diýipdir. Kakasy bu ýagdaýa ynanmandyr. Beýle gysga wagtda olary ýerbe-ýer

etmek asla mümkin däldi ahyry. Laňňa garysyna galyp, soňra dikelen kakasy geň galypdyr. Dogrudanam, dünýäniň kartasy edil öňküsi ýaly düp-düzüw, ýerbe-ýerdi. Kakasy oglundan muny nädip tiz başarandygynyň sebäbini sorapdyr.

Oglunyň beren jogaby kakasyny haýran galdyrypdyr. Utulanyny bilip, oglunyň elinden tutup, seýilgähe gezelenje äkidipdir. Dürli süýjüler, buzgaýmak alyp beripdir. Ol oglundan pula satyn alyp bolmajak durmuş hakykatyny öwrenipdi.

Oglunyň beren jogaby şeýledi: «Maňa beren kartaň arka ýüzünde bir adamyň suraty bar ekeni. Adamy düzedenimden soňra, dünýä öz-özünden düzeldi».

Adam düzelende, bütin dünýä düzeler...

**Arzuwlara boş baha**

Mugallym bir gün synpdaky çagalara ýumuş beripdir. Olara ulalanlarynda kim bolmak isleýändikleri hakynda düzme ýazmagy tabşyrypdyr. Çagalar birnäçe ýyldan soň nähili durmuşda ýaşamak isleýändiklerini göz öňüne getirip, ony ýazga geçirmeli ekenler. Çagalardan biri geljekde özüniň gurmagy meýilleşdirýän mülk ýeri, gazanmak isleýän emläkleri hakynda ýazypdyr. Arzuwlarynyň iň kiçijik bölejiklerine çenli jikme-jik beýan edip görkezipdir. Hatda fermanyň çyzgysyny hem çyzypdyr. Binalaryň, athanalaryň we ylgaw ýollarynyň ýerleşişini hem suratlandyrypdyr. Özüniň ýaşajak öýüniň hem şekilini

çyzypdyr.

Ertesi gün oglanjyk beýleki deň-duşlary bilen birlikde düzmesini mugallymyna tabşyrypdyr. Mugallym okuwçylarynyň arzuwlary ýazylan düzme-beýannamalary gözden geçirip, hersine mynasyp baha goýanyndan soňra, tanyşmaklary üçin gaýtadan okuwçylaryna beripdir.

Ýaňky oglanjygyň düzmesiniň astynda «nolluk» baha goýlan ekeni.

Oglanjyk bu ýagdaýa juda gynanyp, näme üçin nolluk baha alandygy bilen gyzyklanypdyr. Mugallym: «Bu arzuwy ulular hasyl edip bilenok, seniň ýaşyňdaky çaga üçin asla amala aşmajak bir arzuw» diýipdir. «Munuň ýaly bir mülk ýerini edinmek, ferma gurmak üçin ummasyz pul gerek. Seniň bolsa onça puluň ýok. Ilki bilen ullakan mellek ýer gerek. Soňra fermada onlarça at we başga-da birnäçe haýwanlar bolmaly. Seniň muny başarmagyň mümkin däl. Başarjak zadyňy ýaz. Boş arzuwlaryň bahasy hem boş bolýar» diýip, mugallym sözüniň üstüni ýetiripdir. Soňra hem, «Arzuwlaryňy gözden geçir. Başaryp biljek zatlaryň hakda göwün ýüwürt. Üýtgedip, täzeden ýazyp gelseň, belki, goýjak baham hem üýtgeşik bolar» diýipdir.

Oglanjyk öýüne baryp, uzak wagtlap pikirlenipdir. Soňra kakasyndan özüniň şeýle ýagdaýlarda näme etmelidigini sorapdyr. Kakasy: «Oglum, bu seniň durmuşyň we öz saýlan ýoluň. Nähili netijä gelseň hem, ol seniň berjek kararyň bolmaly» diýipdir. Çagajyk biraz oýlanypdyr. «Gowusy, arzuwlarymy

üýtgetmäýin. Maňa durmuşyň goýjak bahasy mugallymyň goýjak bahasyndan has ähmiýetli» diýen netijä gelipdir-de, düzmesini şol durşuna mugallymyna uzadypdyr: «Siz nolluk bahany üýtgetmäň, men hem arzuwlarymy...» diýipdir.

Şol çagajyk häzirki wagtda birnäçe ýyl mundan ozal arzuw eden mülk ýerinde ýaşaýar. Onuň uly fermasy bar. Şol wagtky ýazan düzmesini hem fermanyň diwarlarynyň birinden asyp goýupdyr.

Ençeme ýyl geçeninden soň şol mugallym bir sebäp bilen okuwçysynyň ýaşaýan ýerine gelipdir. «Men birnäçe ýyllap okuwçylarymyň arzuwlaryny ogurladym, muny başarmarsyň, oňa hötde gelmersiň diýip, köp pikirlerini üýtgetdim, emma sen güýçli bolup çykdyň. Öz arzuwlaryňa ynanyp dogry iş etdiň, oglanjyk» diýip, mugallym müýnli jogap beripdir.

**Ýeke elli ýeňiji**

Bir çaganyň iň uly arzuwy meşhur karate türgeni bolmak ekeni. Günleriň birinde betbagtçylykly hadysa sebäpli ol çep elinden mahrum galýar. Maşgalasy çagasyny begendirmek hem-de onuň iň uly arzuwyny amala aşyrmak maksady bilen, karate boýunça ussat bir mugallymyň ýörite tälimini almagyny ýola goýýarlar.

Ilkinji sapakda mugallym oglanjyga garşydaşynyň sag golundan tutup, ýere ýatyrmak hereketini öwredýär. Ikinji, üçünji we hatda soňky sapaklaryň ählisinde şol bir hereketi gaýtalaýarlar.

Bir gün oglanjyk: «Mugallym, men şol bir ýagdaýdan gaty ýadadym, indi başga herekete geçip bilerismi?» diýip soraýar. Mugallym oglanjygyň haýyşyny kabul etmeýär, bu hereketi çalt ýerine ýetirmegi öwrenýänçä şol sapagy bes etmejekdigini aýdýar. Çaga bu hereketi etmekde şeýlebir ökdeleýär welin, göz açyp-ýumasy salymda garşydaşyny ýere ýatyrmaga başarnykly bolup ýetişýär.

Günleriň birinde mugallymy eline bir kagyz alyp gelýär. Kagyzda oglanjygyň karate boýunça bäsleşige gatnaşyp biljekdigi ýazylgy ekeni. Ertesi gün ilkinji garşydaşlary bilen ýüzbe-ýüz boljak mahalynda oglanjyk tolgunyp mugallymyna ýüzlenipdir: «Mugallym, men bary-ýogy diňe bir tilsimi gowy bilýärin, men ýeňiş gazanyp bilmesem gerek...».

«Sen diňe meniň öwreden hereketimi gaýtalaber» diýip, mugallymy jogap beripdir. Oglanjyk meýdança çykýar we mugallymynyň öwreden ýekeje hereketi bilen garşydaşlaryny ýeňýär. Hatda ol şol tilsimi bilen finala hem çykýar. Finalda boýy özünden iki esse ululykdaky biri bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Birbada howy basylsa-da, düýpli özleşdiren şol hereketi bilen soňky garşydaşyndan hem rüstem gelýär. Bäsleşigiň ýeňijisi bolýar.

Oglanjyk muňa begenip, ylgap mugallymynyň ýanyna gelipdir. «Halypam, köp sag boluň, men bary-ýogy birje tilsim bilýärin, bir elim bar, şonda-da ýeňiji bolmak nesibämde bar ekeni. Muňa hiç düşünip bilmedim» diýipdir.

Mugallym okuwçysyna bakyp: «Seniň bilýän hereketiň söweş sungatlaryndaky iň kyn hereketlerden biridi we bu herekete gaýtawul bermegiň diňe birje usuly bardy, ol hem garşydaşyň çep elini tutmakdyr!» – diýipdir.

**Eýnşteýn we onuň sürüjisi**

Eýnşteýn ýyllarboýy dünýäniň köp ýerlerini aýlanyp, ol ýerlerde leksiýa berer ekeni. Sürüjisi hem hemişe onuň ýanynda bolar ekeni. Sürüji Eýnşteýni sahna elteninden soň yzky setirleriň birinde oturyp, ony diňleýärdi. Ol Eýnşteýniň öwredýän zatlarynyň ählisini ýatdan bilýärdi.

Günlerde bir gün sürüji meşhur akyldara şeýle teklip edýär: «Doktor Eýnşteýn, sizi köp wagtdan bäri diňleýärin, aýdýan zatlaryňyzyň ähilisini diýen ýaly ýatdan bilýärin. Bir gün siz sürüji boluň, men hem siziň ýeriňize sahna çykaýyn. Nähili pikir edýärsiňiz?».

Eýnşteýn bu teklibi kabul edýär. «Makul gürrüň. Indiki gitjek ýerimizde sen meniň ýerime sahna çyk, men hem sürüji bolup, yzdan tomaşa edeýin» – diýipdir.

Uly bir zala girensoňlar, Eýnşteýn sürüji hökmünde yzky setire geçip ornaşýar. Sürüji hem sahna çykyp, düşündirip başlaýar. Söhbetdeşligiň yzygiderliligi haýran galdyrýardy. Sürüji ençeme ýyldan bäri diňlän zatlarynyň bir setirini hem galdyrman gürrüň beripdir. Şol wagt bir diňleýji ýerinden turup, sahnadaky sürüjä ozal eşitmedik sowalyny beripdir...

Sürüji özüni ýitirmändir: «Bu ýönekeýje soraga hatda meniň sürüjim hem jogap berip biler...» – diýip, yzky hatarda oturan hakyky Eýnşteýne tarap ümläpdir.

Eýnşteýn oturan ýerinden soragyň jogabyny beripdir.

Ýanyňda akylly biri bolsa çykalga tapmak müşgil bolmaýar.

**Genri Forddan ajaýyp sapak**

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iş gözleýän bir adam meşhur telekeçi Genri Forduň ýanyna iş sorap barypdyr. Onuň bilen görüşmek üçin kätibinden rugsat almagy başarypdyr. Kätip ol adama «Genri Ford şu wagt bir ýerik gidip barýar. Belki, haýdasaňyz, yzyndan ýetip, ondan haýyş edip bilersiňiz» diýipdir. Genri Ford «Ford» markaly awtoulagyna münen dessine, ýaňky adam hem onuň gapdalynda ornaşypdyr.

Ýolboýy olar bir-birleri bilen gürleşmeýärler. Soňra awtoulagdan düşüp, bir dükana tarap ugraýarlar. Gapyda duran adamlar uly hormat bilen meşhur telekeçini garşy alýarlar. Bilelikde biraz gezim edenlerinden soň, yzlaryna gaýtmak üçin ýene-de ulaga münýärler. Adam mundan artyk çydap bilmän sorag berýär: «Jenap Ford, meniň bilen iş hakynda gürleşjekmisiňiz?»

Ford ulagy saklaýar we adamyň düşmegini talap edip, ýoluny dowam edýär. Adam şäherden uzakda ýerleşýän bir ýerde ýaşardy. Öýlerine barýança ep-esli

ýol bardy, jübüsinde bolsa hiç hili puly ýokdy. Ol şol gahary hem üstesine urna mejbury pyýadalap, öýüne aşmagy başarýar. Özüçe pikirlenip başlaýar: «Ol maňa bir zatlar-a öwretmek isledi, ýöne nämekä...».

Ol bu hakda birnäçe günläp oýlanýar. Ahyrynda Forduň şol gezekki baran ilkinji dükanyna gidýär. Ol ýere baranda gapydaky işçiler bu adama uly hormat bilen ýüzlenipdirler. Onuň her bir soragyna Genri Ford bilen ýüzbe-ýüz bolýan ýaly jogap beripdirler. Soňra ol adam Forduň aýlanyp gören beýleki dükanlaryna hem birin-birin degip çykýar. Her baran ýerinde hem ony mähir-mylakat, hoşamaýlyk bilen garşy alypdyrlar. Bu adam dükanlaryň müdirlerine: «Sizden haryt alyp, başga ýerde ýerlemek isleýärin» diýip çykypdyr.

Dükan eýeleri: «Ine, islän zadyňyzy saýlap alyň. Satyp, bahasyny soňra töläp bilersiňiz» diýipdirler.

Adam birnäçe ýylyň içinde ummasyz pul gazanyp, meşhur telekeçi bolmagy başarýar. Soňra Forduň ýanyna baryp, oňa sagbolsun aýtmak isleýär. Genri Ford bilen görüşmek üçin onuň kätibinden rugsat aljak bolanynda, «Içeri giriň. Jenap Ford size garaşýar» diýen jogaby alýar.

Ford oňa: «Siz şol ýerde ulagdan düşüren ilkinji ýa-da iň soňky adamym däl. Ençeme adamlar bilen şol ýagdaýy gaýta-gaýta başdan geçirdim. Şolaryň arasynda meniň aýtmak islän zadyma dogry düşünen ýeke-täk adam siz we şol günden bäri siziň bilen gyzyklanyp gelýärin!» – diýipdir.

**Çüýler we galdyran yzlary**

Örän ýaramaz, garagol bir oglanjyk bar eken. Kakasy bir gün ogluna içi çüýden doly bir torba berip, ony bir tagtanyň ýanyna eltipdir. «Her gezek dostlaryň göwnüne degeniňde, bu tagta bir çüý kakmagyňy isleýärin» diýipdir.

Oglanjyk ilkinji günde tagta on bäş sany çüý kakypdyr. Soňra ol gün-günden özüne erk etmäge başlapdyr we her geçen gün tagta kakýan çüýleriniň sany azalypdyr. Ahyrynda oglanjygyň elinde hiç hili çüý galmandyr. Kakasynyň ýanyna baryp, bu ýagdaýy oňa aýdypdyr.

Kakasy ony ýene-de şol tagtanyň ýanyna alyp gidýär we ogluna: «Şu günden başlap, hiç kimiň göwnüne degmedik her günüň üçin bu tagtadan bir çüý aýyr» diýipdir. Aýlar aýlanyp, günler geçipdir. Birneme wagtdan soň tagtada ýekeje çüý hem galmandyr.

Kakasy oňa: «Tüweleme. Indi dostlaryň bilen hiç tersleşeňok, bu gowy ýagdaý, emma tagtanyň ýüzündäki yzlara üns ber. Bu yzlary indi hiç bir zat düzedip bilmez. Dostlaryň bilen tersleşeniňde olaryň göwnüne degersiň, soňundan ýaraşarsyň, emma göwne degmegiň yzlary galar.

Aýdylan her söz ýürekde bir ýara goýýandyr. Sen hernäçe isleseň hem ol ýaralary düzedip bilmersiň, oglum» diýipdir.

Oglan şol günden soň tersleşmeg-ä beýlede dursun, hatda biri bilen jedel hem etmändir.

**Akyldar, alma we küýze**

Rowaýata görä, bir akyldar okuwçylaryna bir zat öwretmegiň iň gowy usulynyň mysal getirmekdigine ynanar eken.

Bir gün okuwçylaryna ýatdan çykmajak sapak bermek isläpdir. Ol eline bir küýzäni alyp, ony ähli kişi görer ýaly ýokary galdyrypdyr. Beýleki elindäki almany bolsa küýzäniň içine oklapdyr. Soňra küýzäni ýerde goýup: «Bu almany küýzäniň içinden çykaryp bilen almany iýer» diýipdir.

Okuwçylaryň biri örän ajygypdy we ilki bilen ol synanyşyp görmek isläpdir. Küýzäniň darajyk agzyndan elini sokup almany tutupdyr. Soňra ony çykarmaga synanyşypdyr, emma başarmandyr.

«Elimi çykaryp bilemok» diýipdir.

Akyldar: «Almany taşlamasaň, eliňi çykarmagyň mümkin däl» diýensoň, almadan ýüz öwürmek islemeýänem bolsa, eliniň agyrysyna çydap bilmän, ony goýmaly bolupdyr.

«Almany küýzäniň içinden nädip çykaryp bilerin?» – diýip, çagajyk akyldardan sorapdyr. Adam küýzäni eline alypdyr we ony başaşak öwrüp, almany çykarypdyr. Okuwçylaryň ählisi bu ýagdaýa gülmäge başlapdyrlar. Munuň nähili ýönekeýdigine düşünmändirler.

Akyldar: «Gülkünç görünse-de, bu hemişe görnüşi ýaly aňsat bir iş däl» diýipdir. «Käwagt zerur bolanda bir zady goýbermek gaty kyn işdir. Ony goýberip bilmek hem ussatlykdyr. Bir zady zor bilen saklaýan

mahalyňyzda, ýetmek isleýän zadyňyza päsgel berýändigini duýýan bolsaňyz, ony şol ýerde goýmalysyňyz. Eger edýän zadyňyz nädogry bolsa, mümkin boldugyça, gysga wagtda ony soňlandyrmalysyňyz. Eger-de özüňize we başgalaryna dogruçyl bolmasaňyz, onda muny hem gysga wagtda bes etmelisiňiz. Diňe şondan soň maksatlaryňyza aňsatlyk bilen ýetip bilersiňiz» – diýip, munuň syryny düşündiripdir.

**Göreli, wagt nämäni görkezer...**

Bir obada garry we pukara goja ýaşanmyşyn. Ol adam juda pukara bolsa-da, baý biriniň hem oňa gözi gidermişin. Gojanyň şeýlebir owadan ak aty bar eken, bu atyň gözelligi ähli adamlaryň dilindemişin. Hemmeler bu atyň hyrydary eken. Emma goja aty hiç kime satmandyr.

Günleriň bir güni at ýitirim bolýar. Oba adamlary bu ýagdaýa juda gynanýarlar we goja göwünlik bermek üçin onuň ýanyna barýarlar. Emma gojanyň ýüzünde gynançdan nam-nyşan ýokmuş. Oba adamlary: «Sen bu ýagdaýa gynanaňokmy?» diýip soranlarynda, goja parahatlyk bilen: «Göreli, wagt nämäni görkezer» diýip jogap beripdir.

Adamlar gojanyň bolşuna geň galypdyrlar. Aradan esli wagt geçipdir. Günleriň bir güni at yzyna dolanyp gelýär. Ol ýany bilen onlarça ajaýyp atlary hem getiripdir. Atlar ýabany dag atlary eken.

Oba adamlary gojanyň öýüne baryp, onuň bagty

çüwen adamdygyny aýdyp gutlapdyrlar. Goja bolsa ýene-de: «Göreli, wagt nämäni görkezer» diýipdir.

Adamlar gojanyň bu bolşuna gaharlanypdyrlar. Aradan biraz wagt geçmänkä, gojanyň ogly ýabany atlary terbiýelemäge synanyşanda atdan ýykylyp, aýagyny döwdürip, uzak wagtlap aýaga galyp bilmejek ýagdaýa düşüpdir.

Adamlar bu gezek goja: «Atlar size şowlulyk getirmedi» diýipdirler. Garry goja bolsa: «Göreli, wagt nämäni görkezer» diýip gaýtalapdyr. Birki hepdeden soň ýurda duşmanlar çozupdyr. Eli ýarag tutýan erkek kişileriň ählisi goşuna çagyrylypdyr. Oba adamlary aýagy döwlen ýigidi görmäge gelenlerinde, gojanyň nähili bagtly adamdygyny, onuň atlarynyň köpdügini, olary ýurt goragynda ulanyp boljakdygyny aýdypdyrlar. Goja bolsa şol öňki aýdanlaryny gaýtalapdyr: «Göreli, wagt nämäni görkezer» we bu hekaýa şeýle dowam edipdir...

**Paltany ýiteltmek**

Birwagtlar iki odunçy ýaşar eken. Olaryň öýleri bir-birlerine golaýmyş. Bu odunçylaryň biri ir bilen Gün dogmanka oýanyp, agşama çenli durman işläp, soňra öýüne gaýdarmyş. Dynç alman paltasyny yzygiderli urup, agşama çenli on agajy zordan kesermiş.

Goňşusy ondan gaty üýtgeşik eken. Ir säher bilen turup, maşgalasy bilen ertirlik edinip, mellegindäki gülleri suwaryp, günüň dowamynda etmeli işlerini

saldarlap, şadyýan ýagdaýda tokaýa gider eken. Arasynda hem dem-dynjyny alyp işlärmiş.

Bu odunçy agşama çenli otuza golaý agaç kesip, öýüne ir gelip, maşgalasy bilen wagt geçirer eken. Goňşusy bu ýagdaýa gaharlanyp: «Men dynç alman senden iki-üç esse köp işleýärin, emma sen menden üç esse köp agaç kesýärsiň. Bu nähili beýle bolýar?» diýip sorapdyr.

Goňşusy oňa: «Sen dynç alman kütek palta bilen agaç kesýärkäň, men arasynda säginip, hem dynç alýaryn, hem paltamy ýiteldýärin. Sen kütek palta bilen işleýärsiň, men bolsa ýiti palta bilen» diýip jogap beripdir.

## Soňky söz

Şu ýere çenli üstünlik gazanan adamlaryň syrlaryna we olaryň durmuş hekaýalaryna göz aýladyk. Üstünlikli adamlaryň belli bir umumylygynyň bardygyny gördük. Bu adamlaryň ählisi kynçylyklary ýeňip geçip, özleri üçin dörän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanypdyrlar.

Elmydama özlerine ynanan bu adamlar daş-töweregindäki ähli oňaýsyz gep-gürrüňlere gulak asmadylar we öz bilýän dogry ýolundan azaşman, üstünlige ýetdiler. Näme üçin bu sanawda siz hem bolmaly däl? Indi nobat sizde. Kynçylyklara garşy göreşmek üçin gerekli bolan güýç siziň özüňizde. Size ynanýaryn. Indi özgermegiň wagty. Indi özüňiz üçin ýaşamagyň we arzuwlaryňyza ýetmegiň wagty. Oturyp aglamagyň deregine, özüňe gelip, aýaga galmagyň wagty.

Nähili kyn ýagdaýa düşenem bolsalar, birjik-de umydyny ýitirmedik adamlara şaýat boldum. Olar şu günlere ýetýänçäler arzuwlarynyň hiç birinden el üzmediler, umytlaryny asla ýitirmediler. Durmuşda hiç bir zat üçin asla giç däldigini, hiç bir zadyň gutarmaýandygyny men şolardan öwrendim. Siz hem çynyňyz bilen isleseňiz, çynyňyz bilen işleseňiz,

çynyňyz bilen ýapyşyp ýatsaňyz, isleýän zatlaryňyzyň ählisine ýetip bilersiňiz. Men muňa pugta ynanýaryn.

Biziň syýahatymyz şu ýerde tamamlanýar. Durmuşyňyzda size hemişe üstünlik arzuw edýärin. Durmuş bir umman, ömür bir gämi, bu gäminiň eýesi hem siziň özüňiz.

Unutmaň! Her kim siziň duş gelýän tupanlaryňyz bilen däl-de, gämini kenara getirip-getirmändigiňiz bilen gyzyklanar.

*Türk dilinden terjime eden*
**Mährijemal PAŞYKOWA**